# Köşkler şolardan doly

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Köşkler şolardan doly KÖŞKLER ŞOLARDAN DOLY



Ýewropa Marin Le Peniñ karýerasyny synlaýar we onuñ Ýewropanyñ ilkinji faşist prezidenti bolup-bolmajagynyñ gürrüñini edýär. Munuñ özi ýalñyş gürrüñ. Prezident Makrony ýeñse Ýewropanyñ ikinji faşist ýolbaşçysy bolar, çünki adamlar Italiýanyñ premýer-ministri Jorja Meloniniñ eýýäm iki ýyl bäri ýurduñ başynda oturandygyny bilenoklar. Sebäbi-de, Italiýanyñ Fransiýa ýaly däldigi we Ýewropanyñ ony Fransiýa ýaly bilniksizje synlamazlygy.
Emma ýewropalylar faşizmiñ Italiýada dörändigini we millionlarça ýewropalynyñ oña eýerendigini, her aý 30 müñ italýan zenanynyñ Duçä (Benito Mussolini) hat ýazyp, oña durmuşa çykasynyñ gelýändigi barada aýdandygyny ýa-da şuña meñzeş teklipleri edendigini elmydama ýatdan çykarýarlar.
Meloni iki ýylyk häkimiýeti döwründe örän asuda we ylalaşykçy işleri amala aşyrdy. Italýanlaryñ arasynda bölünişige sebäp

bolmady. Hiç bir ugurda faşistik syýasy ugurlary durmuşa geçirjek bolmady.
Syýasy hereketlere we ekstremistik sagçylara goşulmak üçin 15 ýaşyndaka mekdebi taşlanyndan bäri badyhowalylygyň tersine, döwlet dolandyryşynda özüni salyhatly alyp barýar, hyzmatdaşlyk etmek üçin beýleki partiýalara elini uzadýar.
Premýer-ministrlik eden döwründe Italiýanyň uruşyň soňlanan wagtyndan bäri başdan geçirýän dowamly syýasy çaýkanşyklarynyň tersine, durnuklylyk we galkynyş döwrüni başdan geçiren özünden öňki ýolbaşçy Silwio Berluskoniniň syýasy ugurlaryndada düýpli üýtgeşmeleri geçirmedi.
Ýewropany sagçylar we olar bilen birlikde sagdan duýulýan gorky dolandyrýar. Şu manyda sag ganat adamlary dyzmaçlyga, uruşa iterýän partiýalary we pikirleri alamatlandyrýar. Emma edil häzir ýoldaş Meloni diňe geçen ýylyň dowamynda 445 million turisti myhman alan ýurduň ýurdy dolandyrýar. Partiýasy bolan «Doganlyk» partiýasynyň ilkinji gezek häkimiýet başyna gelmeginiň keýpini görýär.
Tötänlige seretseňizlä, onuň partiýasy «Liwan Güýçleri» partiýasynyň 90 ýyl gurlanynda kabul eden şygarynyň birmeňzeşini öňe sürýär: «Hudaý, Watan, Maşgala».
«Liwan Güýçleri-de» şol döwürde Ýewropadaky jemgyýetçilik hereketlerinden, aýratynam faşizmden täsirlenipdi.
Meloniniň-de maşgala bitewiligini goramak we ahlak gözegçiligini ýola goýmak, gomoseksual nikalar bilen «narkotiki serişdelere» garşy çykmak ýaly syýasy ugurlary we ynançlary üýtgemedi.
Ýewropadaky üýtgeşmeler düýpli we radikal. Bir ýandan saga ýönelmeler bar, beýleki bir ýandanam aýallar tarapyndan dolandyrylýar. Ýagny, Ýewropada we aýratynam «katolik» ýurtlarda häzir aýallar ekstremizme wekilçilik edýär.
Feministik syýasatyň iň uly sýurprizi birnäçe gün mundan öň paýtagtyň şäher sowetiniň başlygy asly jöhit Klaudiýa Şeýnbaumyň döwlet ýolbaşçylygyna saýlanan ýurdy Meksikada bolup geçdi. Onuň saýlawlardaky bäsdeşi-de aýaldy.
Prezidentlik sistemasynyň ýola goýlan gününden bäri, dünýä prezidentiň erkek, aýalynyňam «Birinji leýdi» («First lady») bolmagyna öwrenişdi. Emma indi aýal başlyk, erkegem başlygyň äri. Margaret Tetçer we Dennis, Indira Gandi we onuň äri muňa mysaldy, hem häzir bu dowam edýär.
Semir ATAULLAH,

Liwanly žurnalist.

Duşenbe, 17.06.2024 ý. Publisisistika